# Ynsan gadyry

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ynsan gadyry YNSAN GADYRY



Adam bar ýerinde ölüm-ýitim-de bolýar. Adamzat janyny amanat saýýar. Biri ýurduny täzelese, «Amanadyny tabşyrdy» diýlip aýdylmagy şol sebäpli bolýar.
Boljagy-geljegi öňünden bilen, dünýä welisi, akyl gämisi Magtymguly Pyragynyň:

*«Gabrystana bar-da otur, pikir eýle,*
*Men-men diýen ärler ýatyr gum bolup»*

– diýmegi, baky ýaşaýşyň ýokdugyny aýdýar. Gonamçylyga baranynda, adam pikirlenýär. Hernäçe ýaşasaň-da, ahyry gabrystanlyga gelmelidigini aňynda aýlaýar. Kalby arassalanýar. Kysmatyna kaýyl bolýar. Ýaşap ýörenine şükür edýär. Öten-geçenleri ýatlaýar. Bu hakykata, dogrusy, öň-de düşünilýärdi. Ýöne käbir ýöntem pikirlere uýulyp, ýaş nesle gezek gelende, hakykat gabatda goýulýardy. Diş gysylýardy. Dil daňylýardy. Şeýdibem, türkmençilik boýunça merhumy iň soňky ýoluna ugratmagyn edebinden, ýolundan başy çykmaýan nesil kemala gelýärdi. (Häzir kyrk ýaşanlarymyzyň arasynda daşky çukuryň ölçegini, içki jaýy gazmagyň kadasyny bilmeýänleri az däl). Ynsan gadyry gaçýardy. Elbetde, bu şahsyýet üçin ösüş däl-de, tesişdi. Çünki şahsyýet öz milli däp-dessurynu näçe gowy bilse, ol şonça-da belende galýar, il-güne nepi köp ýetýär, ýüreklere ýakyn bolýar.
Garaşsyzlygymyzy alyp, dünýewi döwlet bolanymyz bäri ýaş nesillerimiz ýaşulular bilen ysnyşyp başladylar. Hatyra gününde, sadakalarda, toýlarda el-aýak bolup hyzmat edýärler. Tüweleme, olaryň bir bölegi türkmençilikden diýseň oňat baş çykarýar. Okuwçylaryň birentegi dünýewi mekdebiň daşyndan dini mekdepde-de okaýar. Bu milliligimize, aslymyza gaýdyp gelip başlandygymyzdandyr. Hatyra gününi bellemek adam gadyryny belende göterdi. Hatyra güni her kim öz ene-atasynyň, dogan-garyndaşynyň jaýlanan ýerine baryp sadaka berýär. Halkymyz «Ölüsini sylan baý bolar» diýen nakyla durky bilen uýýar.
«Akly bolan ölüsine aglamaz» diýilýär. Şeýle-de bolsa, adamyň ýüregi etden bolýar. Aýralyk oduna çydap bilmän, ses etmeli bolýar. Ses etmek bilen, bendäniň sanalgysynyň dolandygyny daş-töweregine eşitdiripdirler. Gölegçi gelende, hoşlaşyk sesi bolupdyr. Erkek adamlar häzir-bu güne çenli şol ýörelgeden

gyşarman barýarlar. Öňler zenan saçyny ýaýyp, iki elini öňe sallap, aýanyň üstüne aýasyny urup, towuş ederdiler. Häzir zenanlar öte geçýärler. Ýakasyny açyp gursagyna urýarlar. Aýylganç ses edýärler. Olary höre-köşe edýänler-de göze ilip duranok. Hata bolana gadyr-hormat goýjak bolsaň, beýle etmeli däl. Ýaradanyň emrine jür bolmaly. Adamy ýaradýan-da Allanyň özi, alýan-da. Şükür etmeli. Näşükürlik ýogalan adama zyýan ýetirýär. Şonuň üçin «Akly bolan ölüsine aglamaz» diýilýär. Mollalar Kuran okalanda hemmeleriň oturmagyny, sessiz-üýnsüz diňlemegini ündemeli. Şeýle edilse, hata bolanyň gadyrynyň bilindigidir.
Ynsan biri-biriniň gadyryny bilmek üçin dostlaşýar. Adamlara jan dostuny tapmak aňsat düşmeýär. Her kim tokaýa girip, boýuna görä agaç kesýär. Kalbyndaky duýgular, gylyk-häsiýetiň, edep-ekramyň gabat gelse, onda şol jan dostuň hasaplanýar. Dostluk çagalyk, ýetginjeklik döwründen başlanýar. Şeýle dostlar jan dostlary hasaplanýar. Muňa «Donuň – täzesi, dostuň – könesi» diýen nakyl tymsal bolup biler. Jan dostuňdan ýüz öwürmek – nadanlykdyr. Biri-biriň gadyryny bilmek üçin göwnüne çalarak degilende, geçirimlilik eden sogap gazanýar diýerdiler. «Özüňi süýt bilgil, dostuňy – gaýmak». Eger şeýle bolsa, dostuňam seni gaýmak saýar. Dostluk könelmez. Dostuňy göreniňde begenersiň. Begenç bagtdyr.
Bolar bolmaz zada baş goşup, ene-atanyň aýdanlaryny ret edýärler. Dünýä inderenleriň gadyryny bilmeýärler. Olara **«at ýitiren»** diýilýär. Ene-ata jepa baryny çekýär. Ýaşulular ýaşlaryň arly-namysly, il ogly bolmaklaryny küýseýärler. Ýaşlaryň bagtly, Watana, il-güne wepaly bolmagyny Ýaradandan dileýärler. Ýaşlar-da ýaşulylaryň gadyryny bilmeli. Hormat goýmaly. Ýöne tersine bolýan halatlaryna gabat geleniňde gynanýarsyň.
Men bir gezek toý saçagynyň başynda Gazanjyk etrabynyň keselhanasynda baş lukman bolup 21 ýyl işlän Osman Garabaýew bilen tabakdaş boldum. Ol saglygyny dikeltmek üçin Aşgabada gidýär. Lukmandan şypa tapýar. Gazanjyga öwrülmek üçin ýola çykýar. Awtobus myhman öýüniň golaý ýanyndan geçýän eken. Awtostansiýa baryp bilet almaga wagty bolmaýar. Ol awtobusa

ýolda münüp, bilet puluny töleýär. Awtobusyñ içinde rahat durar ýaly üç-dört garyş ýer ýok. Aram-aram oturmaga ýerini beren tapylar diýip tama edýär. Tamasy puç bolýar. Başga-da özi ýaly ýaşulular asyl-asyl bolup durlar. Ýaşlaryñ biriniñ-de bulara rehimi inmändir. Ýaşulular kä sag, kä sol aýagynyñ üstünde durup, aýaklaryny gezekleşdirip dynç berip gaýdyberipdirler. Şeýle ýagdaýda ýol-da önüp duranok. Ýaşy çene baranyñ biri dözmän Osman lukmana öz ýerini berýär. Lukman onuñ aýagynyñ agyrylydygyny, Mollagara kurortyna barýandygyny gürrüñdeş bolanda bilýär. Onuñ ýerinde oturmajagyny anyk aýdýar. Emma ol ýolagçy Osmanyñ halynyñ teñdigini bilip, ýolda öz ýerinde oturdýar. Osman Garabaýew «Aýlanaýyn könäm senden» diýip, içini hümledýär. Gartaşan adamyñ gadyrdandygyna guwanýar. Ýeri gezekleşe-gezekleşe sag-aman Gazanjyga gelýär. Osman lukman-da diýseñ gadyrly, sada, ak ýürek kişi. Dyz epmekde arkalaşan adamyñ yzyndan hal-ahwal soraşmaga Mollagara barýar. Bu ýerde adam gadyry aç-açan duýulýar.

Tatar ÜÝŞMEKOW. Pedagogika we edep-terbiýe